# Dünýäniñ ykbaly we 90 sekunt

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dünýäniñ ykbaly we 90 sekunt DÜNÝÄNIÑ YKBALY we 90 SEKUNT




*Bu gorkunç ýagdaýa näme sebäp boldy?*
1947-nji ýylda on bir gezek Nobel baýragyna mynasyp bolan alym tarapyndan adamzadyñ kyýamata meñzeş ýok boluşa nähili ýakynlaşandygyny çaklamak üçin işe girizilen «Kyýamat güni» sagadyny taýýarlan Ylym we Howpsuzlyk Geñeşiniñ (ştab-kwartirasy ABŞ-nyñ Çikago şäherinde) duýduryşyna görä, dünýä bilen ýadro kyýamatynyñ arasynda bary-ýogy togsan sekunt bar.
Bu gezek ýagdaýyñ çynlakaýlygy, ara düşen wagtyñ ýadro heläkçiligine öñki haýsydyr bir wagtdan has ýakyn bolmagyndan gelip çykýar.
1953-nji ýylda, ýagny «Sowuk urşuñ» ýetjek derejesine ýeten wagtynda-da bu möhlet iki minut diýip kesgitlenipdi.
Ýene bir düýpli çynlakaý husus dünýäniñ ýadro kyýamata ýakynlygynyñ (gije ýarym 24:00 bolan 00:00 wagtyna laýyklykda) 100 sekunt hökmünde bellenen 2021-nji ýylyna görä 10 sekunt hasam azalmagy.




• **Bu gorkunç ýagdaýa näme sebäp boldy?**

Ol «gorkunç sagadyñ» ýagdaýyna degişli býulettende Russiýa-Ukraina urşy, biologiki howp-hatarlar, ýadro ýaraglaryñ giñden ýaýramagy we dowam edip gelen klimat üýtgeşmesi ýaly dünýäde bolup duran täze üýtgeşmelere üns berilýär.

Çikagodaky alymlaryñ ýadro sagady boýunça çaklamalary ynandyryjyga juda ýakyn görünýär. Aýratynam ABŞ-nyñ we Ýewropanyñ Sar bilen uruşynyñ formasyny onuñ üstün çykmagyna idin bermejek görnüşde üýtgetmek babatdaky hötjetligi saýasynda şowsuzlyklar gün geçdigisaýy hasam artýar. Onsoñam

Saryňam ýeňilmejek bolup elinden gelenini etjegi görnüp dur. Iň ýamany-da, ol ýeňilip barýandygyny duýup başlanda, dünýä parahatçylygynyň galan 90 sekundy-da tüsseläp gitjegine şübhe ýok.
Bolup duran zatlary synlap oturanlar bir ýandan-a Kiýewe öňümizdäki ýaz uruşyna taýýarlyk hökmünde amerikanlaryň «Abrams» we nemesleriň «Leopard» tanklaryny bermek kararynyň wekilçilik edýän çakgan amerikan we ýewropa üýtgeşmelerini synlaýarlar.
Rus tarapy barada aýdanda bolsa, «Zirkon» raketalary we aňyrky meýilnamada ähli regional we halkara ähtimallyklara ýadro garşylygyny bermek üçin komanda garaşyp duran «Sarmat» ýa-da «Şeýtan-2» raketalary bilen dünýäni iň täze supergüýçli konwensional ýaraglaryndan käbirlerini ulanmaga taýýarlanmagyň täze tapgyryna geçdi.
Birnäçe gün öň Russiýanyň Howpsuzlyk Geňeşiniň başlygynyň orunbasary Dmitriý Medwedew Russiýanyň Ýokary Sowetiniň býurosynyň ýygnagynda «dünýäniň üçünji jahan urşy howpuna ýakynlaşandygyny» nygtamakdan çekinmedi.
Medwedewiň pikiriçe, bu uruşyň boljagy anyk, uruş juda ýowuz bolar we munuň sebäbi-de ABŞ-dyr ýaranlarynyň Ukrainany ulanmak arkaly Russiýa garşy agressiýa taýýarlyklarydyr.
Geçen ýyl bolup geçen iki uly şowsuzlyk dünýäni heniz amala aşmadyk iň uly erbetlige – ýadro heläkçiligine garaşmaga iterdi.
Birinjisi, 2010-njy ýylda ABŞ bilen Russiýanyň arasynda çäklendirilmedik möhlete niýetlenip gol çekilen täze «START» şertnamasynyň çäginde gözegçiligi täzeden başlamagy ara alyp maslahatlaşmak üçin Müsürde geçirilmegine garaşylýan ABŞ-Russiýa ýygnanyşygynyň 29-njy noýabrdan 6-njy dekabra geçirilmegi.
Ikinjisi, BMG-nyň baş sekretary Antoniu Guterrişiň hemaýatkärliginde Nýu-Ýorkda eýýäm 10-njy gezek geçirilýän Ýadro ýaraglarynyň ýaýramagynyň öňüni almak ylalaşygyny gözden geçirmek boýunça konferensiýasynyň şowsuzlyga uçramagy.
Gepleşikler 1-nji awgustdan 26-njy awgusta çenli dowam etdi we taraplar Ýadro ýaraglarynyň ýaýramagynyň öňüni almak

ylalaşygygny güýçlendirjek umumy pikire ýa-da belli karara gelip bilmediler.
Geçen noýabr aýynda global ýadro arenasyny synlap gelen birnäçe halkara guramasy ABŞ bilen Russiýanyñ arasyndaky dartgynlylygyñ ýaramazlaşmagynda ýadro urşunyñ Waşingtonyñ we Moskwanyñ ýadro urşuna iñ köp golaýlaşan 1962-nji ýyldaky Kuba raketa konfliktinden bäri, megerem, hemişekisinden has ýakyndygyny çaklaýar.




- **Bu senari hakykatdanam mümkinmi?**

29-njy dekabrda Russiýanyň döwlet ýolbaşçysy Putin Moskwada rus harby gullukçylarynyň öňünde eden çykyşynda ýurdunyň ýadro urşuna taýýarlyk derejesini 91,3%-e galdyrandygyny mälim etdi.
Mundan öňem Russiýa bilen Günbataryň arasynda Ukrainadaky uruş sebäpli dartgynlylygyň gurşawynda güýçlenýän ýadro howpy barada duýduryş beripdi.
Putin bu beýanat bilen suwasty gämiler, uzak aralyga atýan istrebiteller we aýlanýan rampalar ýaly ýurdunyň guryýer, deňiz, howa ýadro ýaraglaryny göz öňüne tutýardy.
Sahnadaky iň howatyrlandyryjy zadam – Täze ýyl baýramçylygynda Saryň Moskwanyň harby doktrinasyna garşy gidýänleriň birini ýaragsyzlandyrmak üçin ilkinji öňüni alyş ýadro hüjümini edip biljekdigini aýtmagydy.
Onsoňam, «kyýamat sagady» çaklamalarynda belli bir derejede ironiýa-da bar, sebäp diňe Russiýa bilen göreşe üns berilýär.
Hytaý 350-den gowrak ýadro raketasyna eýelik edýändigine garamazdan, Günorta Hytaý deňizi sebäpli ABŞ bilen arasynda ýüze çykyp biläýjek çaknyşyk pursatynda ýa-da Taýwany basyp almaga niýetlenende ýadro çaknyşygynyň gapysyny soňuna çenli açyp biler.
Hytaýyň geljegiň ýadro güýjüdigi-de ýatdan çykarylmaly däl.
Pentagonyň çaklamalaryna görä, Pekin 2035-nji ýyla çenli ýadro raketalarynyň sanyny dört essä ýetirer, ýagny on ýylyň dowamynda iki müň ýadro raketasyna eýelik eder.
Kyýamatyň özüne 90 sekuntdan bärde garaşdyrýan dünýäniň ukusyny bozýan ýene bir howpy bar, olam kiber ýadro howpy.
Kiber kompýuter garakçylarynyň ýadro ýaraglarynyň dünýäsine aralaşmagy we golliwud melodramalaryny häzirkizaman hakykatyna öwürmegi mümkinmi?
Waşingtondaky Karnegi adyndaky Halkara Parahatçylyk fondynyň Ýadro syýasaty maksatnamasynyň deňdeş direktory Jeýms Akton şeýle diýýär:
– Dünýä erbet adamlaryň bilkastlaýyn sebäp bolup biljek ýa-da emeli aň ýalňyşlyklary netijesinde seresapsyzlyk bilen döräp biljek heläkçiliklerden gaça durjak bolsa, howatyrlaryň esasy üns bermeli zady ýadro ýaraglaryna gönükdirilen kiber hüjümler däl-de, olary gurşap alýan komandowaniýa we gözegçilik

sistemalarydyr.
Adamzat ýadro sagadynyñ takdyryna boýun bolaýarmyka? Ýa-da heläkçilikden sypmaga synanyşarmy?
Munuñ üçin ilki dünýä liderlerinden Ukrainadaky uruşy duruzmaga, topbaklanan gary suwa öwrüp, bütin dünýäni howp astyna salýan konglikti aradan aýyrmaga gönükdiren synanyşyklaryñ edilmegi gerek.
Alymlardan bolsa, ýadro ýaraglaryna gõzegçilik etmek gurallarynyñ kämilleşdirilmegine höweslendirýän täzeliklere garaşylýar.
Dini liderler barada aýdanda, olaryñ roly, ýadro meselesini wyždanlary syzladýan we ölümiñ yzyndan ylgamagyñ ýerine ýaşamaga bolan isleg-arzuwa üns berýän tutanýerlilik bilen ele almak hökmünde anyklaşýar.
Kelpeñ milletçi urdumşalyklaryñ dünýäni ýadro gyrgynçylyga iterip biljekdigini ýatdan çykarmalyñ.

Emile AMIN.

Ýekşenbe, 29.01.2023 ý. Publisistika